PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY

2024

# «PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ÝYLY: TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝASY WE DÖWLET BAÝDAGY – KÄMIL HUKUK ULGAMYNYŇ WE TÄZE EÝÝAMYŇ BELENT MAKSATLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MIZEMEZ ESASLARY»

**atly ylmy-amaly maslahatyň**

## T E Z I S L E R I

TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATY
TÜRKMENISTANYŇ MEJLISI
TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ DEMOKRATIK PARTIÝASY
WE JEMGYÝETÇILIK GURAMALARY
TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET, HUKUK
WE DEMOKRATIÝA INSTITUTY

# «PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ÝYLY: TÜRKMENISTANYŇ KONSTITUSIÝASY WE DÖWLET BAÝDAGY – KÄMIL HUKUK ULGAMYNYŇ WE TÄZE EÝÝAMYŇ BELENT MAKSATLARYNY DURMUŞA GEÇIRMEGIŇ MIZEMEZ ESASLARY»

**atly ylmy-amaly maslahatyň**

## T E Z I S L E R I

*(2024-nji ýylyň 16-njy maýy)*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2024

ösüşiň baş şerti hökmünde sebitde parahatçylygy, howpsuzlygy saklamagyň berk mehanizmini döretmek babatdaky milli maksatlaryň Guramanyň öňünde durýan wezipeler bilen gabat gelmegi bolup durýar.

**Begenç Mätliýew,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň**
**Halkara gatnaşyklary instituty**

## TÜRKMENISTANYŇ HALKARA PARAHATÇYLYK STRATEGIÝASYNYŇ GEOSYÝASY WE GEOYKDYSADY ÄHMIÝETI

Globallaşýan dünýä syýasatynda parahatçylygy üpjün etmek halkara gün tertibiniň esasy soraglarynyň biri bolmagynda galýar. Soňky onýyllyklarda dürli sebitlerde bolup geçýän syýasy, ykdysady, ekologik ýagdaýlar her bir döwlete öz täsirini ýetirip, onuň bilelikde oňyn çözgüdiniň tapylmagynyň adamzadyň ýaşaýşy üçin örän wajypdygyny görkezýär.

Türkmenistan bu babatda dünýä bileleşiginiň işjeň agzasy bolmak bilen giň möçberli halkara hyzmatdaşlygy ýola goýmak, özara ynamy berkitmek, amatly geosyýasy we geoykdysady şertleri döretmek ugrunda işjeň çykyş edýär. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatyna daýanýan, daşary syýasat strategiýasynyň ýörelgeleri ählumumy derejede ähmiýetli meseleleriň çözülmegine ýardam bermekden hem-de durnuklylygy we howpsuzlygy gorap saklamaga goşant goşmakdan ybaratdygyny nygtaýar.

Türkmenistanyň özara ynamy berkitmek, öňüni alyş diplomatiýany işjeňleşdirmek, bar bolan meseleleri dialog arkaly çözmek boýunça öňe sürýän teklipleriniň Birleşen Milletler Guramasy derejesinde goldanylmagy we Kararnamalar bilen tassyklanmagy ýurdumyzyň parahatçylyk strategiýasynyň ählu-

mumy derejede geosyýasy ähmiýetiniň wajypdygyny görkezýär. BMG-niň Türkmenistandaky hemişelik utgaşdyryjysy Dmitriý Şlapaçenkonyň belleýşi ýaly, Birleşen Milletler Guramasy ähli-mumy parahatçylyk medeniýetini ilerletmekde möhüm orun eýeläp, ýüze çykýan meseleleriň çözgütlerini gözlemekde, dialogy pugtalandyrmakda netijeli halkara meýdança hökmünde çykyş edýär. Türkmenistanyň dialog we ynanyşmak arkaly parahatçylygy ýola goýmak boýunça yzygiderli tagallalary dünýä derejesinde uly ykrarnama eýe bolýar. Türkmenistan milli derejede ileri tutýan garaýyşlaryny Birleşen Milletler Guramasynyň giň gerimli maksatlary bilen utgaşdyrmak arkaly döwletleriň we halkara guramalaryň arasyndaky sazlaşykly hyzmatdaşlyk esasynda parahat, birek-birege ynanyşykly dünýäni gurmagyň nusgasyny görkezýär. BMG-niň edaralary bilen özara gatnaşyklar arkaly gapma-garşylyklaryň öňüni almak, dialogy pugtalandyrmak, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek boýunça tagallalara yzygiderli goşant goşýar.

Türkmenistanyň daşary-syýasy başlangyçlarynyň geoykdysady ähmiýeti hem wajypdyr. Mälim bolşy ýaly, parahatçylygyň üpjün edilmegi, deňhukukly, özara bähbitli gatnaşyklaryň ýola goýulmagy ykdysady ösüşler amatly şertleri döredýär. Hususan-da, Türkmenistan döwletleriň halkara ykdysady gatnaşyklarynda adalatyň we deňhukuklylygyň üpjün edilmeginiň, hukuklaryň kemsidilmezliginiň, dünýä söwdasynda hiç bir esassyz, emeli taýdan päsgelçilik döredilmezligiň, ykdysady taslamalaryň syýasylaşdyrmakdan hem-de ynsapsyz bäsdeşlikden azat bolmagynyň düşnükli hem-de aç-açan ýörelgelere esaslanmagynyň tarapdary bolup durýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň nygtaýşy ýaly, Türkmenistan bitaraplygyň ykdysady ugruna möhüm ähmiýet berýär. Munuň özi ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan sazlaşykly ösüşi, onuň özara peýdaly daşary ykdysady we söwda gatnaşyklaryny ösdürmek üçin zerur şertleriň döredilmegini göz öňünde

tutýar. Şunda Türkmenistanyň Bitaraplygy şeýle hyzmatdaşlygy haýsydyr bir babatda syýasylaşdyrmakdan saklaýar, daşary ýurtlardaky hyzmatdaşlarymyza deňhukukly gatnaşyklary üpjün edýär. Bu ýerde özara bähbit, ykdysady we täjirçilik taýdan esaslandyrmak, ýurdumyzyň däplerine we kanunlaryna hormat goýmak kesgitleýji şert bolup durýar.

Şeýlelikde, ählumumy parahatçylygy üpjün etmek we durnukly ykdysady ösüşi gazanmak üçin döwletleriň arasynda özara ynanyşmagy berkitmek, deňhukukly hyzmatdaşlygy ýola goýmak zerur bolup durýar. Türkmenistanyň halkara parahatçylyk strategiýasynyň geosyýasy we geoykdysady ähmiýeti hem şeýle gatnaşyklaryň ýola goýulmagynda jemlenýär.

**Gulmet Penaýew,**
**Türkmenistanyň Inžener-tehniki**
**we ulag kommunikasiýalary instituty**

## ULAG SYÝASATY – BITARAP TÜRKMENISTANYŇ HALKARA HYZMATDAŞLYGYNYŇ MÖHÜM UGRY

Türkmenistanyň multimodal üstaşyr ulag we logistika düzümini döretmek boýunça iri milli hem-de sebit taslamalaryny amala aşyrmak baradaky başlangyçlary ulag-logistika düzüminde alnyp barylýan depginli işleriň netijeliligini alamatlandyrýar. Häzirki wagtda Birleşen Milletler Guramasy we beýleki abraýly halkara düzümler bilen netijeli hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek ýurdumyzyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şunuň bilen baglylykda, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek boýunça çäreler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu işiň çäklerinde Türkmenistan halkara derejede köptaraplaýyn gatnaşyklar ulgamynda degişli işleri geçirýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda «Açyk gapylar» syýasatyny ýöredýän, bütin dünýä bilen hoşniýetli dostluk gatnaşyklaryny ýola goýýan, üstaşyr ge-